# Käse sen

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapсу | 23 января, 2025
Käse sen KÄSE SEN / satiriki goşgy

*Men bir gezek Amanpolat diýen tanyşymyň öýüne bardym. Çaý getirilde maňa berlen käsäň içi-daşy towuk çokjalan garpyz paçagy ýaly eken. Men şonda şo käsäň şanyna bäş keleme söz aýdar boldum.*

Göz aýladym şu käsäniň durşuna,
Gatnaşypdyr iki jahan urşuna,
Ençeme oskolka kakyp gerşine,
Müň gowgadan aman galan käse sen.

Nedir şaň leşgerne berip komanda,
Ýüzdüň gämä münüp, düýpsüz ummanda,
Meke-Medinede, şähri Ýemende,
Hajylar golunda bolan käse sen.

Başyňdan geçirdiň ençeme gary,
Näçe asyr geçdi döräliň bäri?!
Belki-de görensiň sen Keýmirköri,
Nuhdan bize nyşan galan käse sen.

Äraly han dünýä gelip ötende,
Bozoglana patyşalyk ýetende,
Ýusup-Ahmet zyndan içre ýatanda,
Garagözden sylag gelen käse sen.

Käsä, gözüň aç-da bir seret döwre,
Zamanam dönüňi geýdirer çöwre,
Galypsyň meýlisden, zyňaly böwre,
Görmedigi görde galan käse sen.

Pyhy TAGAN. Goşgular